**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky №89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

## №14-saglyk "Hassahananyň işi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

## GOLLANMA

№14-saglyk, ýyllyk döwlet statistiki formasyny ilata ýatymlaýyn bejeriş kömegini berýän ähli hassahanalar dolduryarlar.

Hassahanada býujetde we hojalyk hasaplaşygynda işler ýerine ýetirilýän ýagdaýynda, olar boýunça üç sany döwlet statistiki hasabat aýratynlykda doldurylyp, formanyň ýüzinde bellik (býujet, hojalyk hasaplaşygy, jemi) goýulýar. Diňe býujetde ýa-da hojalyk hasaplaşygynda işler ýerine ýetirilýän ýagdaýynda ýeketäk hasabat formasy doldurylýar.

Hasabatda ýatymlaýyn bejeriş edaranyň orun gaznasy, näsaglaryň düzümi, bejerginiň netijesi, hirurgiýa kömeginiň göwrümi we başga degişli maglumatlar görkezilýär.

### I BÖLÜM.
### ORUN GAZNASY WE ONUŇ ULANYLYŞY

Ýatymlaýyn bejeriş edaranyň smeta boýunça orunlarynyň sany, hakyky ýaýbaňlandyrylan orunlaryň sany, şeýle hem abatlaýyş işlerine ýapylan orunlar baradaky maglumat hasabat ýylynyň dekabr aýynyň 31-i ýagdaýyna "Ýatymlaýyn bejeriş edarasynyň orun gaznasynyň we näsaglaryň, bölümýa-da ornuň ugry boýunça hereketiniň jemleýji maglumatsanawy" (016/h) boýunça düzülýär. Bu görnüş "Ýatymlaýyn bejeriş edarada orun gaznasynyň we näsaglaryň hereketiniň hasaba alnyş kagyzynyň" (007/h) maglumatlary esasynda doldurylýar.

Hakyky ýaýbaňlandyrylan orun – işgärler, otagdaky enjamlaşdyrylan ýer bilen, näsaglary iýmitlenmek we bejergi bermek üçin maliýe serişdeleri bilen üpjün edilen, şeýle hem näsaglary gije-gündiziň dowamynda kabul etmäge taýýar bolan orunlar hasap edilýär.

***Bellik***: hassahanada (bölümde, näsag otagynda) ýaýbaňlandyrylan gündizki ýatymlaýyn bejeriş orunlary edaranyň aýratyn düzüm bölegi bolup durýar we gije- gündiziň dowamynda näsaglaryň bolmagy üçin niýetlenen smeta boýunça bejeriş orunlaryň hasabyna girmeýär. Şeýle hem reanimasiýa orunlarynyň sany edaralaryň smeta boýunça orun gaznasyna girmeýär.

A sütünde orunlaryň ugruna görä – terapiýa, newrologiýa, pediatriýa, ginekologiýa we ş.m. maglumat görkezilen.

1-nji we 2-nji sütünlerde hakyky ýaýbaňlandyrylan we abatlaýyş işlerine ýapylan orunlaryň sany (hasabat ýylynyň ahyrynda we ortaça ýylyň dowamynda) görkezilýär.

3-nji, 4-nji, 5-nji, 6-njy sütünlerde hasabat döwründe jemi düşen, şolardan 14 ýaşa çenli çagalary goşmak bilen çykan näsaglaryň we ölenleriň sany barada maglumat görkezilýär.

7-nji sütünde näsaglaryň geçiren orun-günleriniň sany barada maglumat görkezilýär

### 2 BÖLÜM.
### HASSAHANADAKY NÄSAGLARYŇ DÜZÜMI, BEJERGINIŇ MÖHLETLERI WE NETIJELERI

Ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykan näsagyň kartasy (066/h) boýunça doldurylýar. Beýleki bejeriş edaralaryna geçirilen näsaglar barada maglumat hasaba alynmaýar. Jetweliň 2-nji bölüminiň 01-176–njy setirlerinde keselleriň synplar boýunça bölünişiginiň maglumatlary, keselleriň halkara statistiki klassifikasiýasynyň X gezek gaýtadan seredilişine laýyklykda görkezilýär.

177-nji setirde hassahana ýerleşdirilen şahslar barlag üçin we sagdyn bolanlar barada maglumat görkezilýär.

Hasabat doldurylanda esasy ýagdaýlardan ugur alynmalydyr:

01,02-nji setirinde“jemi”- ähli çykan näsaglaryň sany, olaryň geçiren orun-günleri, ölenleriň sany, 1ýaşa ýetmedik çagalaryň şeýle hem 160-njy setirde kadaly dogrumdan we abortdan soňky aýallar baradaky görkezilen maglumatlar girizilýär.

***Bellik***: 1) Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň kriteriýalaryna (HKSK-10) laýyklykda göwreliligiň möhletine we ýerleşýän ýerine garamazdan, göwrelilik döwründe ýa-da ondan soňky 42 günüň dowamynda, göwrelilik bilen bagly bolan, göwrelilik ýa-da onuň alnyp barylyşy zerarly agyrlaşan haýsydyr bir sebäp zerarly (betbagytçylykly hadysalar ýa-da tötänleýin ýüze çykan sebäpler goşulmaýar) ölen aýallaryň sanybarada maglumat 3-nji sütüniň 160-njy setirinde görkezilýär.

2) Bu bölüme başga hassahanalara geçirlen (ýagny bejerginiň netijesi häzirki wagtda belli bolmadyk) näsaglar şeýle hem hassahana barlag üçin ýerleşdirlip, sagdyn hasap edilenler barada maglumatlar goşulmaýar. Olar barada maglumatlar bölümiň aşagynda görkezilýar.

Çagalar hassahanasyna ýa-da hassahananyň çagalar bölümine ýerleşdirilen ýetginjekler (15–17 ýaş aralykda) barada maglumat A-bölümiň 1.2.3 sütünlerinde görkezilýär.

1-nji setir “Jemi” – dogumdaky we täze doguranaýallaryň we çagalaryň maglumat-laryndan başga, bäbeklere ideg etmek üçin orunlaryň bolmadyk hassahanalaryňakuşerçilik bölümlerinde bedeniniň agramy 500 gr. we ondan ýokary bolan täze doglan keselli ýa-da ölen bäbekler barada maglumat görkezilýär. Perinatal döwürde (ilkinji 0-6 gije-gündize çenli) ölmän galan we ýatymlaýyn bejerlişden 7-nji gije-gündiz we ondan soň çykan (çykarylan we ölen) ýa-da soň ölen bäbekler barada maglumatlar B-bölüminde umumy esasda görkezilýär.

Doga kemislilik bilen bagly bäbekleriň näsaglyklary barada maglumatlar 163, 164-nji setirlerde“Doga kemislikler(ösüşindäki kemlikler),üýtgemeler we hromosom bozulmalary” (Q00-Q99) göz öňünde tutulan sanawyna laýyklykda berilýär.

161, 162-nji setirlerde “Perinatal döwürde ýüze çykýan aýratyn ýagdaýlar” (P00-P96) göwreliligiň we dogumlaryň patologiýasy bilen, nesil yzarlaýan faktorlar (bäbekleriň gemolitiki keseli) ýa-da bäbekleriňpatologiki ýagdaýlar bilen bagly keselli bäbekler barada maglumatlar görkezilýär.

Bäbeklik döwründe ýüze çykan ähli beýleki keseller we şikesler, zeper ýeten agzanyň ýagdaýyna we şikesiň häsiýetine baglylykda keselleriň degişli synplaryndagörkezilýär.

Tablisanyň 03, 04, 13, 14….. 166, 167-nji setirlerinde hassahanadan çykarylan we ölen näsaglaryň kesel synplary boýunça we şol sanda nozologiki görnüşi (setir 05, 06, 07, 08, 09, 10, 11-nji we beýleki) görkezilen.

Tablisanyň 0.3, 0.4, 13, 14….. 166, 167-nji setirleriniň sanlaryň jemi 01-nji setiriň sanlaryň jemine deňdir.

05, 06, 07, 08, 09, 10, 11-nji we ş.m. setrlerde esasy degişli synplardan saýlanan aýratyn keseller barada maglumat görkezilýär. Görkezilen setirlerdäki sanlaryň jemi düzgün boýunça degişli jemleýji 03, 04, 13, 14….. 166, 167-nji setirlerdäki sanlardan, sanawda görkezilmedik keselleriň hasabyna az bolmalydyr.

Meselem, 61, 62-nji setirdäki “Gan aýlanyş ulgamynyň keselleri” sanlar düzgün boýunça ähli sütünlerde 63, 64, 65, 66,........98-nji setirlerdäki sanlaryň jeminden uly bolmalydyr we tablisada aýratyn setirlere saýlanmadyk keselleriň hasabyna bolup durýar.

Tablisa doldurylanda ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykan näsagyň statistik kartalary (066/h) bilen işlenende keselleri ol ýa-da beýleki nozologiki görnüşe, keselleriň synpyna degişli edilende jemleýji kesel kesgitlemesinden, ölen ýagdaýynda bolsa patalogo-anatomiki kesel kesgitlemesinden ugur almalydyr.

**Meselem:** 1. Kataraktanyň ekstraksiýasy üçin göz keselleri bölümine ýatyrlan näsag miokardyň ýiti infarktyndan ölen, bu barada maglumat 51 we 52-nji setirlerde görkezilmän 61 we 62-nji setirlerde görkezilmelidir.

2. Öýkeniň inçekeseli sebäpli bejergi alan näsag ölen.Patalogo-anatomiki barlagynda öýkeniň howply täze döremesi kesgitlendi. Bu näsag barada maglumat 03,04-nji we 07, 08-nji setirlerde görkezilmän, 13,14-nji we 15,16-nji setirlerde görkezilmeli.

Ýöriteleşdirlen hassahanalar jetweldeähli näsaglar barada maglumaty, olaryň keselleri hassahananyň ugruna degişli bolsada we degişli däl bolsada görkezilmeli.

Meselem:1) Inçekesel hassahanasyna öýkeninçekeselli näsaglardan başga öýkeniň iriňli keselleri bilen düşen näsaglar bolsa, olar barada maglumat 99, 100-nji we 121, 122-nji setirlerde görkezilmeli.

2) Onkologiýa hassahanasyna howply täze döremeli näsaglardan başga howpsuz täze döremeli (17, 18-nji setir), aşgazan we on iki barmak içegäniň başy bilen (127, 128-nji setirler), peşew-jyns ulgamynyň keselleri (147,148-nji setir) we beýleki keseller bilen näsaglar ýerleşdirilip bilner. Bu maglumatlar tablisanyňdegişli setirlerinde görkezilmeli.

Näsaglaryňgeçiren orun-günleri ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykan näsagyň statistik kartalary (066/h) esasynda hasaplanylýar, olaryň giren we çykan günleri bir orun-güni diýip hasaba alynýar, reanimasiýa bölüminden çykan näsaglaryň giren we çykan günler özbaşdak aýratyn orun-günler hasaba alynýar.

2-nji bölümiň jetwelinde we jetweliň aşagyndaky setirlerde görkezilen maglumatlar 1-nji bölümdäki degişli setirleriň maglumatlary bilen deňeşdirilmeli.

2-nji bölümiň 1-nji setiriniň 3 we 7-nji sütünleriň sanlarynyň jemi 1-nji bölümüň 6-njy sütüniň 63-nji setirindäki sana deň bolmaly.

2-nji bölümiň 1-nji setiriniň 1 we 4 sütünleriň we tablisanyň aşagyndaky 1 we 1.2-nji bentleriniň sanlarynyň jemi 1-nji bölümiň 5-nji sütüniň 63-nji setiriň sanlarynyň jemine deň bolmalydyr.

## 3 BÖLÜM.
## HASSAHANA ÝERLEŞEN 1 ÝAŞA ÇENLI NÄSAG BÄBEKLERIŇ DÜZÜMI WE BEJERGINIŇ NETIJESI

3-nji bölümi çagalar hassahanalary we düzüminde bäbekler patologiýasy we çagalar bölümleri bolan hassahanalar doldurýar we 1 ýaşa çenli çagalaryň keselleri we ölümi barada maglumtlar görkezilýär.

Hassahanalaryň akuşerçilik bölümlerinde täze doglan keselli ýa-da ölen bäbekler barada maglumat №19-saglyk «Göwrelilere, dogumdaky we täze doguran aýallara saglygy goraýyş kömegi barada hasabat» döwlet statistik hasabatynda görkezilmeli.

Çykan (çykarylan we ölen) çagalaryaşy boýunça döwürlere bölünende (0-6 gün, 7–27 gün, 28 gün – 1 ýaş)olaryň çykan günindäki ýaşyny görkezmeli.

Tablisada doglandaky agramy 500 gr we ondan ýokary bolan 0-6 gün (irki neonatal), 7–27 gün (giçki neonatal), 28 gün – 1 ýaş aralygynda (postnatal) ýaşdaky bäbekleriň keselleri we ölümiň sebäpleri (KHSK-10 laýyklykda) barada maglumatlar goşulýar.Tablisa ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykan näsagyň statistiki kartasy esasynda doldurylýar (066/h).

1-nji, 7-nji, 13-nji sütünlerde 0-6 günlik, 7–27 günlik, 28 gün – 1 ýaşlybäbekleriň ähli keselleri, şikesleri, ölüminiň sebäpleri baradaky maglumatlar görkezilýär.

2-5-nji, 8–11-nji, 14–17-nji sütünlerde bäbekleriň doglandaky agramy 500 gr we ondan ýokary bolan 0–6 günlik, 7–28 günlik, 28 gün – 1 ýaşlyölüminiň sebäpleri baradaky maglumatlar görkezilýär.

1.0-nji setirde "bäbekleriň umumy sany"–ähli çykan we ölenleriň sany baradamaglumatlar görkezilýär. 2.0–16.0-njy setirlerde aýratyn keseller bilen kesellän we ölen çagalaryň bölünişibellenilýär.

Bu bölüm doldurylanda ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykan näsagyň statistikakartalary (066/h) bilen işlenende keselleri ol ýa-da beýleki nozologiki görnüşe, keselleriň synpyna degişli

edilende jemleýji kesel kesgitlemesinden, ölen ýagdaýynda bolsa patalogo-anatomiki kesel kesgitlemesinden ugur almalydyr.

## 4 BÖLÜM.
## EDARANYŇ HIRURGIÝA IŞI

4-nji bölümde näsaglara bejeriş edaranyň haýsy bölüminde hirurgiýa operasiýalar ýerine ýetirilendigine garamazdan,hemme operasiýalar barada maglumat, şol sanda gyssagly ýagdaýda we endoskopiýa usuly bilen geçirilenoperasiýalar görkezilýär. Tablisada geçirilen operasiýalaryň ady, şol sanda 14 ýaşa çenli çagalara geçirilen, şeýle hem hassahanada geçirilen operasiýalardan soň ölen näsaglaryň sany görkezilýär.

Tablisanyň 1-5-nji sütünlerinde diňe ýatymlaýyn bejeriş edarasyndan çykanlara geçirilen operasiýalaryň sany görkezilýär.Geçirilen hirurgiýa operasiýalaryň sanyny ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykanlaryň statistiki kartasy (066/h) boýunça hasaplanylýar.

1-nji sütüniň 01,02 setirindehassahanada geçirilen hirurgiýa operasiýalaryň umumy sany, 3-nji sütünde şol sanda 14 ýaşa çenli çagalara geçirilenoperasiýalar, 2-nji we 4-nji sütünlerde endoskopiki operasiýalar görkezilýär. Yzyndan gelýän setirlerde hirurgiýa operasiýalaryň aýratyn toparlary we olardan käbir görnüşleri saýlanyp görkezilýär.

Tablisanyň 01-nji setiri “Operasiýalaryň sany, jemi” 03, 04, 07, 08……191-nji setirleriniň sanlarynyň jemine deň bolamly.

05, 06, 09, 10, 15, 16-njy we beýleki setirlerde esasy operasiýalaryň sanawyndan saýlanan aýratyn operasiýalar barada maglumat görkezilýär we görkezilen setirlerdäki sanlaryň jemi düzgün boýunça degişli ” 03, 04, 07, 08,……191-nji setirlerdäki sanlardan, sanawda görkezilmedik operasiýalaryň hasabyna az bolmaly.

4-nji bölüm doldurylanda şulara gollanmaly:

15,16-njy setirde endokrin ulgamyndaky hirurgiýa operasiýalaryň umumy sanyndantireotomiýalar görkezilýär.

33,34-nji setirde geçirilen pulmonektomiýalaryň sany görkezilýär.

39, 40-njy setirde ýürekde we aortanyň döş bölüminde geçirilen operasiýalarryň sany görkezilýär.

101,102-nji setirde – damarlarda geçirilýän operasiýalar görkezilýär.

131,132-nji setirde – garyn boşlugynyň agzalarynda geçirilýän operasiýalar, şolardan 133,134-nji aşgazanyň başy sebäpli, 137, 138-nji setirde gyssagly ýagdaýda geçirilen operasiýalar görkezilýär - içegäniň ýiti geçirilmezligi, ýöne howply täze döreme sebäpli döreýän içege geçirmezlik bu setirde hasaba alynmaýar.

164-nji setirde “Aýal jyns agzalarynda geçirilýänoperasiýalar”, şolardan 165-nji setrirde ýatgynyň içini gyrmak (abortdan başgasy), 166-njy setirde aýallary sterilizasiýalamak sebäpli operasiýalar görkezilýär.

170-nji setirde “Akuşer hirurgiýa operasiýalara” kiçijynshana kesar kesmi 174-nji setirde görkezilýär. Abortlar sebäpli geçirilen operasiýalar 176-njy setirde görkezilýär, ýöne mini-abortlar tablisanyň aşagyndaky setirlerde görkezilip, kiçi öpresiýalaryňsanyna girizilýär.

Süýtmäzinde geçirilýän hirurgiýa operasiýalar, şol sanda howply täze döreme sebäpli süýt mäziniň radikal aýyrmaklygy 187-nji setirde görkezilýär.

Eger-de şol bir näsaga birnäçe operasiýalar geçirilen bolsa,operasiýalaryň birbada ýa-da dürli möhletde geçirilendigine garamazdan,olary tablisada näçe gezek hirurgiýa operasiýageçirilen bolsa, şonça gezek görkezilýär.

Operasiýalar birnäçe tapgyrda geçirilen ýagdaýynda we näsag aralykda hassahanadan çykarylmadyk bolsa, onda bu operasiýalar bir operasiýa hasabyna alynýar.

Näsag birnäçe geçirilen operasiýalardan soň ölen ýagdaýynda, ony 5-nji sütünde diňe bir operasiýa boýunça (has agyr we radikal) görkezilýär.

5-nji sütünde ölüminiň sebäbine garamazdan: kesel sebäpli geçirilen operasiýa ýa-da onuň gaýra üzülmesi ýa-da başga keselsebäpli, operasiýadan soň ölenleriň sany görkezilýär.

Meselem: egerde näsag katarakta sebäpli operasiýa geçirilen bolsa we operasiýadan soňky döwürde miokardyň ýiti infarktyndan ýa-da insultdan we ş. m. ölen ýagdaýynda operasiýany 5-nji sütüniň 17,18-nji we 23, 24-nji setirlerinde görkezmeli.

## 5 BÖLÜM.
## GYSSAGLY HIRURGIÝA KÖMEGI

Bu bölüm ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykan näsagyň satistik kartasy esasynda doldurylýar (066/h). Bölümde gaýragoýulmasyz görkezmeler boýunça düşen näsaglar barada maglumatlar tablisa laýyklykda görkezmeli.

1-nji, 3-nji sütünlerde gaýragoýulmasyz hirurgiýa kömegine mätäç bolan we hassahana getirilen näsaglar we olardan keseliň başlan wagtyndan 24 sagat soň hassahana ýerleşdirilenler barada maglumat görkezmeli.

Bu tablisa beýleki hassahanalara operasiýa etmek üçin geçirilen näsaglar barada maglumat girizilmeýär.

Bu bölümde görkezilen operasiýalaryň sany barada maglumat 4-nji bölüminiň tablisasynda hem görkezilmeli.

1-nji we 2-nji sütünleriň 05, 06, 15, 16-njy setirlerdäki sanlar meňzeş bolmaly, sebabi aşgazanyň we 12-barmak içegäniň deşilen başy we ýatgynyň daşyndaky göwrelilik bilen näsaglara operasiýalar geçirilmeli.

## 6 BÖLÜM.
## GAN WE GANYŇ ORNUNY TUTÝAN SERIŞDELER

Bölümde gan we ganyň ornuny tutýan serişdelerini goýberilen näsaglaryň sany, olara goýberilen gan we ganyň ornuny tutýan serişdeleriniň sany, goýberilenden soňky gaýra üzülmeleriniň sany barada maglumatlar görkezilýär. Bu maglumatlar Gan merkezleriň hasabatlary bilen deňeşdirilmeli.

**Durmuş statistikasy müdirligi**